# Ýetmişiň içgepletmesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýetmişiň içgepletmesi ÝETMIŞIÑ IÇGEPLETMESI




Gojaldyňmy, dälsiň edenliň deňi,
Ýola getirmäge öte gideni.
Köşeşdire bulagaýlyk edeni,
Äňetseň, ýarabam barlanok indi.
Öňem döwtalap däl jedelleşmäge,
Başa giden bilen daş gidişmäge.
Ýa keçeňek bilen kejeleşmäge,
Äňetseň, ýarabam barlanok indi.

Sögüşýäne käýemäge, sögmäge,
Ýa taýaklyň taýagyny döwmäge,
Kän däl zatlaň bir alajyn görmäge,
Äňetseň, ýarabam barlanok indi.

Gönümellikden kä görsek-de görgi,
Ýalan ýaňzytmadyk, agraldyp derdi.
Dogra dogry diýre, egrä-de egri,
Şükür, ýaraman-a barlanok şindi.

26.10.2022 ý.

Geldimyrat SEÝIDOW. Goşgular